**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**

**DÖWLETMÄMMET AZADY ADYNDAKY**
**TÜRKMEN MILLI DÜNÝÄ DILLERI INSTITUTY**

**«TASSYKLAÝARYN»**
**Döwletmämmet Azady adyndaky**
**Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň**
**rektory ____________M.Çaryýew**
**«___»_______________2026 ý.**

**Türkmenistanyň umumybilim berýän orta mekdepleriniň**
**XI-XII synp okuwçylarynyň arasynda rus dili boýunça**
**IV olimpiadyny guramak we geçirmek barada**
**DÜZGÜNNAMA**

## I. Umumy düzgünler

1.1. Şu Düzgünnama Türkmenistanyň umumybilim berýän orta mekdepleriniň XI-XII synp okuwçylarynyň arasynda rus dili boýunça IV olimpiadany (mundan beýläk – Olimpiada) guramagyň we geçirmegiň kadalaşdyryjy resminamasy bolup, ony geçirmegiň maksatlaryny, wezipelerini we tertibini kesgitleýär.
1.2. Olimpiada Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň goldawy bilen Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri instituty tarapyndan geçirilýär.
1.3. Guramaçylyk, usulyýet we tehniki üpjünçiligi utgaşdyrmak Olimpiadanyň guramaçysy tarapyndan alnyp barylýar.

## II. Olimpiadanyň maksatlary

2.1. "Türkmenistanda umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň 2028-nji ýyla çenli Konsepsiýasyndan" gelip çykýan wezipeleri amala aşyrmak.
2.2. Okuwçylaryň nazary we amaly bilimlerini berkitmek we kämilleşdirmek.
2.3. Olarda rus dilini öwrenmäge bolan höwesi artdyrmak we olary hünär saýlamaga ugrukdyrmak.
2.4. Garaşsyz Watanymyza, mähriban halkymyza, Türkmenistanyň Prezidentine wepaly, ylymly-bilimli, giň dünýägaraýyşly, ýiti zehinli, ukyply we başarjaň ýaşlary ýüze çykarmak hem-de ýurdumyzda dil bilimini we edebiýaty öwretmegiň hilini ýokarlandyrmak.

## III. Olimpiadanyň wezipeleri

3.1. Umumybilim berýän orta mekdepleriň okuwçylarynyň rus dilini özleşdirişiniň

Сканировано с CamScanner

umumy derejesini we aragatnaşyk saklamak ukybyny barlamak.
3.2. Rus dilinde aragatnaşyk we sözleýiş endiklerini (gürlemek, ýazmak, diňlemek we okamak) ösdürmek we kämilleşdirmek.
3.3. Bilim bermegiň hil derejesini ýokarlandyrmak bilen bir hatarda ders bäsleşiklerine gatnaşýan okuwçylaryň ýokary derejede taýýarlygyny gazanmak.
3.4. Daşary ýurt dillerini, hususan-da, rus dilini oňat bilýän zehinli ýaşlary ýüze çykarmak we olaryň ukyplaryny artdyrmak.

## IV. Guramaçylyk topary

4.1. Guramaçylyk toparynyň düzümine toparyň başlygy, kätibi we agzalary, şeýle hem Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň hyzmatdaş ýokary okuw mekdebi bolan Russiýa Federasiýasynyň Ýokary bilim federal döwlet býujet bilim edarasy Naberežnyýe Çelny döwlet mugallymçylyk uniwersitetiniň Rus we tatar filologiýasy kafedrasynyň müdiri, filologiýa ylymlarynyň kandidaty Konstantin Kalinin girýär.
4.2. Olimpiadanyň geçiriliş tertibini, möhletini, gatnaşyjylaryň we ýeňijileriň sanawyny kesgitleýär.
4.3. Türkmenistanyň Aşgabat şäher we welaýat bilim müdirlikleriniň, Arkadag şäher we etrap, şäher bilim bölümleriniň, umumybilim berýän orta mekdepleriň wekilleri bilen Olimpiadany guramaçylykly geçirmek boýunça aragatnaşyk saklaýar.

## V. Olimpiada gatnaşyjylar

5.1. Olimpiada Türkmenistanyň umumybilim berýän orta mekdepleriniň XI-XII synp okuwçylary gatnaşýar.
5.2. Gatnaşyjylaryň sany çäklendirilmeýär.
5.3. Olimpiada gatnaşmak meýletin we tölegsiz esasda amala aşyrylýar.
- Olimpiada gatnaşmaga isleg bildirýän okuwçy 2026-njy ýylyň 4-nji martyna çenli hasaba alynmaly. Munuň üçin umumybilim berýän mekdebiň müdiri Olimpiada gatnaşmak isleýän okuwçylarynyň sanawyny Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň resmi saýtynda **datmddi.edu.tm** ýerleşdirilen *Gatnaşyjyny hasaba alyş maglumatyny* ýükläp almaly (1-nji goşundy) we görkezilen tertibe laýyklykda doldurup, elektron görnüşinde 2026-njy ýylyň 4-nji martynda (soňky gün) sagat 18:00-a çenli Olimpiadanyň Guramaçylyk toparynyň **olimp.russkiyyazyk@gmail.com** elektron salgysyna ugratmaly.
- Soralýan ähli maglumatlar anyk we dogry görkezilmeli.
- Gatnaşyjynyň hasaba alnandygy baradaky maglumat we hasaba alnan belgisi 24 sagadyň dowamynda gatnaşyjynyň mekdebiniň elektron salgysyna ugradylýar.
- Hasaba alyş Olimpiadanyň institutyň resmi saýtynda **datmddi.edu.tm** yglan edilen gününden başlanýar.
- Hasaba alnan okuwçylaryň 2026-njy ýylyň 6-njy martynda geçirilýän Olimpiadanyň I tapgyryna gatnaşmagyny üpjün etmek üçin degişli mekdebiň müdiri jogapkärçilik çekýär.

Сканировано с CamScanner

## VI. Olimpiadany guramagyň we geçirmegiň tertibi

6.1. Olimpiada 2 tapgyrda geçirilýär.

6.2. I tapgyr Internetiň üsti bilen rus dilinde esse ýazmak görnüşinde 2026-njy ýylyň 6-njy martynda aşakdaky tertipde geçirilýär:

- 2026-njy ýylyň 6-njy martynda sagat 14:00-da institutyň resmi saýtynda datmddi.edu.tm essäniň temasy yglan edilýär;
- her bir gatnaşyjy berlen tema boýunça rus dilinde esse ýazmaly;
- ýazylan esse şeýle işlerden edilýän talaplara (2-nji goşundy) doly laýyk gelmeli;
- essäni ýazmak we ony Guramaçylyk toparynyň garamagyna ugratmak üçin gatnaşyja 180 minut (3 sagat) wagt berilýär;
- berlen wagtdan (06.03.2026ý.; 17:00) gijä galyp ugradylan işler Guramaçylyk topary tarapyndan kabul edilmeýär;
- Olimpiadanyň I tapgyrynyň netijeleri we II tapgyra geçen okuwçylaryň sanawy 2026-njy ýylyň 17-nji aprelinde institutyň resmi saýtynda datmddi.edu.tm yglan edilýär.

6.3. Olimpiadanyň II tapgyry 2026-njy ýylyň 2-nji maýynda Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynda aşakdaky tertipde geçirilýär:

- I tapgyrda iň ýokary netije görkezen 25 okuwçy olimpiadanyň II tapgyryna gatnaşmaga hukuk gazanýar;
- II tapgyr 2026-njy ýylyň 2-nji maýynda sagat 10:00-da institutyň Sanly bilim portalynda rus dili boýunça test görnüşinde geçirilýär;
- gatnaşyjy rus dilinde sözleýşiň okamak, diňlemek we düşünmek görnüşleri arkaly rus diliniň ähli bölümleri boýunça 10 ýumuşdan ybarat bolan testi ýerine ýetirmeli. Onuň üçin 90 minut wagt berilýär;
- gatnaşyjy testi özbaşdak ýerine ýetirmeli;
- her bir gatnaşyja testi geçmek üçin bir gezek mümkinçilik berilýär;
- testi geçmegiň netijesinde gazanylan ballar Olimpiadanyň I we II tapgyrynyň jeminiň esasynda awtomatik usulda hasaplanylýar.

## VII. Ýeňijileri yglan etmek we sylaglamak

7.1. Guramaçylyk topary Olimpiadanyň I we II tapgyrynyň jeminiň esasynda ýeňijileri kesgitleýär.

7.2. Olimpiadanyň ýeňijileri Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň Diplomy we ýadygärlik sowgatlar, olary taýýarlan mugallymlar institutyň Hormat haty bilen sylaglanýar hem-de olaryň sanawy institutyň resmi saýtynda yglan edilýär.

Habarlaşmak üçin: olimp.russkiyyazyk@gmail.com

Jeren Ilamanowa: +99363657117

Сканировано с CamScanner

1-nji goşundy

**Türkmenistanyň umumybilim berýän orta mekdepleriniň XI-XII synp okuwçylarynyň arasynda rus dili boýunça IV olimpiada gatnaşyjyny hasaba alyş maglumaty**

| T/b | Okuwçynyň familiýasy, ady we atasynyň ady | Doglan güni, aýy, ýyly | Bilim alýan orta mekdebiniň salgysy | | | Okaýan synpy | Okuwçyny olimpiada taýýarlaýan mugallymyň familiýasy, ady we atasynyň ady | Işleýän ýeri we wezipesi | Okuwçynyň telefon belgisi | Mugallymyň telefon belgisi |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | Welaýat | Etrap/ şäher | Mekdep belgisi | | | | | |
| 1. | Ataýew Ata Ataýewiç | 01.01.2008 | Ahal | Tejen | 22 | 12 | Meredow Meret Meredowiç | 22-nji orta mekdebiniň rus dili mugallymy | +99365----- | +99365------ |
| 2. | | | | | | | | | | |
| 3. | | | | | | | | | | |
| 4. | | | | | | | | | | |
| 5. | | | | | | | | | | |
| **Mekdebiň elektron poçtasynyň salgysy:** ____________ | | | | | | | | | | |

Bellik:

1) Gatnaşyjynyň hasaba alyş maglumaty 04.03.2026ý. senede sagat 18:00-a çenli kabul edilýär, maglumat olimp.russkiyyazyk@gmail.com salga ugradylmaly.

2) Hasaba alyş Institutyň resmi saýtynda datmddi.edu.tm yglan edilen gününden başlanýar.

Сканировано с CamScanner

**2-nji goşundy**

**Türkmenistanyň umumybilim berýän orta mekdepleriniň XI-XII synp okuwçylarynyň arasynda rus dili boýunça IV olimpiada**

**I tapgyrda rus dilinde ýazylýan esseden edilýän talaplar**

1. 2026-njy ýylyň 6-njy martynda sagat 14:00-da Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň resmi saýtynda **datmddi.edu.tm** essäniň temasy yglan edilýär.
2. Her bir gatnaşyjy berlen tema boýunça rus dilinde esse ýazmaly.
3. Esse her bir gatnaşyjy tarapyndan özbaşdak ýazylmaly.
4. Esse öň hiç ýerde çap edilmedik we hiç ýerden göçürilmedik bolmaly; emeli aňyň mümkinçiliklerinden peýdalanmaly däl; başga awtorlaryň işlerinden ulanylan bolsa, salgylanmalar bilen bellenmeli. Ugradylan işleriň ähli si plagiata we "ChatGPT" ulanylmagyna barlanylýar.
5. Essäniň söz sany **400** sözden az we **500** sözden köp bolmaly däl (essäniň ady söz sanyna girmeýär).
6. Esse Times New Roman şriftde, 14 pt ölçegde ýazylmaly, setirara 1,0 bolup, sahypanyň inine deňleşdirilmeli we **.doc, .docx** görnüşde ýatda saklanylmaly.
7. Faýlyň ady gatnaşyjynyň hasaba alnyş belgisi we familiýasy (1001_Amanow) görnüşinde ýatda saklanmaly.
8. Esse ýazmak we ony Guramaçylyk toparynyň garamagyna ugratmak üçin gatnaşyja 180 minut (3 sagat) wagt berilýär.
9. Esse mazmuny, pikiriň beýan edilişiniň yzygiderliligi, rus edebi diliniň ýazuw kadalarynyň berjaý edilişi boýunça bahalandyrylýar.

Esse 2026-njy ýylyň 6-njy martynda sagat 17:00-a çenli Guramaçylyk toparynyň garamagyna **olimp.russkiyyazyk@gmail.com** elektron salga ugradylmaly.

10. Görkezilen wagtdan gijä galan ýa-da berlen şertlere laýyk gelmeýän işler bäsleşige goýberilmeýär.

Сканировано с CamScanner